# Ölmeseñ…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ölmeseñ… ÖLMESEŇ…

«Ölmeseň–garrarsyň» diýen atamyz,
Indi niçe ýyldyr aramyzda ýok.
Bar wagty galamyz polat galady,
Ýöne şo-ol berklik galamyzda ýok.

Hersi aýry atаň zürýady ýaly,
Biz–gardaşlar, indem barýarys garrap.
Eteginde namaz okabermeli–
Diýmen. Ýaşany bar ömrüni harlap.

Garran çagym garry öýi küýsedim,
Başga ýurt dur garry öýüň ýerinde.
Derwezeden garap, garap dolandym,
Gaý turdy, harasat gopdy serimde.

«Ölmeseň–garrarsyň» diýen atamyz,
Düýşüme giripdir o gün arada.
El uzatdym, elim galdy howada,
Köňül gam-gussada, misli ýaradar.

Gardaşymdan gorap bilmän halyňa,
Garry göwün neçün indi ýyglaýaň.
Alyslarda gözden ýiten atamyň
Ýetjek bolup yzyn yzlap ylgaýan…

Allaýar ÇÜRIÝEW. Goşgular